# Dünýä boýunça alty sany BTC milliarderi bar

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dünýä boýunça alty sany BTC milliarderi bar **DÜNÝÄ BOÝUNÇA ALTY SANY BTC MILLIARDERI BAR**



*Dünýäde ýüzlerçe million adamyň bitkoin bolsun ýa-da başga sifrowoý walýutalaryň biri bolsun, kripto aktiwleriniň bir görnüşi bar. Has takygy, "Henley & Partners" -yň "Crypto Wealth" hasabatyna görä 425 million adam kriptowalýuta ulanýar. Z nesliniň wekilleriniň ýarysyndan gowragy (18-25 ýaş aralygy) Bitkoine maýa goýupdyr. Şeýle-de bolsa, Amerikalylaryň 75% -i kriptowalýuta maýa goýmagyň, söwda etmegiň ýa-da ulanmagyň häzirki wagtda howpsuzdygyna ýa-da munuň üçin häzirki bar bolan gurallara bil baglap boljakdigine ynanmaýarlar. Soraga gatnaşanlaryň 45% -i maýa goýumlarynyň garaşyşlary ýaly netije bermändigini we diňe 15% -i garaşylýandan has ýokary netije berendigini aýtdy.*
*"Henley & Partners" -yň maglumatlaryna görä, käbirleri kriptowalýutada has köp üstünlik gazanypdyrlar we häzirki wagtda millionlarça, hatda milliardlarça ABŞ-nyň dollary bolan aktiwleri bar. Kompaniýanyň hasabatynda 88200 adamyň azyndan 1 million dollarlyk kripto aktiwleriniň bardygyny, we onuň kriptowalýuta ulanyjylarynyň umumy sanynyň 1% -inden azdygy aýdylýar. Olaryň takmynan 40500-si maýa goýumlaryny bitkoinde saklaýarlar, bu bolsa umumy mukdaryň 46% -iň sähelçe az bölegini düzýär. 100 million dollardan gowrak kripto aktiwleri*

*bolan “Santimillioner” diýlip atlandyrylýanlar has azdyr.*
*Dünýäde bary-ýogy 182 sany maýa goýujy bar, şolardan 78-siniň bitkoinlere ünsüni jemländigi habar berilýär. 22 adamda azyndan 1 milliard dollar bahasy bolan kriptowalýuta aktiwleri bar.*
*Olaryň altysy maýa goýumlaryny bitkoinlerde saklaýar, kriptomillionerleriň we santimillionerleriň arasynda bu has kiçi paýdyr.*
*Şol wagt hasabat ýazylanda kriptowalýuta bazarynyň umumy bahasy 1,18 trillion dollar boldy-diýip, cnbc-a salgylanyp ixbt.com saýty habar berýär.* Maliýe we ykdysadyýet